# Ölümden halas eden gudrat / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ölümden halas eden gudrat / hekaýa ÖLÜMDEN HALAS EDEN GUDRAT

12-nji etazyñ penjiresinden aşak seredeninde başyn aylanyar. Gaty gorkunç. Birden aşak güwlap gidiberjek yaly bolup, hopugyp yza tarap süyşenini duyman galyarsyñ. Emma, ol-a penjireden seretmek eken, Jeren 12-nji etazyñ üçeginiñ gyrasynda ayak yalanaç dim-dik bolup durdy. Saçlary dagynyk, egninde owadan gyzyl köynegi bar. Hemmaniz eyyam añansyñyz… Onuñ özüni helaklap, şol belentlikden aşak bökjek bolyandygyny. Adatça öz janyna kast etjek bolyan ynsanlar aglayandyr. Emma, Jereniñ gözlerinden bir damja yaş çykaysa nadersin.Ol owadan garamyk gözler birhili doñdy. Özem yuwaşjadan öne tarap süyşyardi…
Eysem,ony bu dereja getiren yagday namedi? Ýaşy heniz otuza-da yetmedik hemme geljegi önünde bolan gözel gelin name sebapden beyle yagdaya baş goşduka?
Mylayym şemal onun saçlaryny emay bilen sypayardy. Göyä oña «Dur, saklan!» diyyan yaly. Hol aşakda eyla-beyla geçip duran maşynlar, niradir bir yana howlugyşyp,yörap baryan mahelle tolkuny. Gyzaryp yaşyp baryan günem belki Jereni bu gün in sonky gezek görjegine gynanyan yaly,howlukman öz gyzgyn,mahirli gollary bilen ony gujaklap, saklamaga, yzyna tarap iteklemage çalyşyardy. Hol aşakdaky jemendäniñ bolsa bu 12-nji etažyñ üstündaki Jereniñ bolup durşundan habarlaram yokdy. Olar yokary tarap seredenokdylaram. Milletiñ hasiyeti şeyle olar mydama howlukmaç.Kimsi işe,kimsi öyüne tarap haydap baryar. Hazir yokardan bir ynsan jesedi gütlap aşak düşer welin, onsoñ yanky howlukmaçlaryn bary bir pursatlyk hemme iş-güyçlerini unudyp, onuñ daşyna üyşerler… Jeren bolsa hiç yana howluganokdy. Yene 2 adim atse bolany. Bu dünyä bilen o dünyaniñ serhedini bölüp duran bary-yogy 2 adim.

Jerenin beynisindaki akyl öyjüklerem şu wagt beynini taşlap,ikindinki gezelenje çykan yalydy. Beyni boşdy, beyniniñ hiç bir künjeginde akyl yokdy. Wah,şu wagt yekeje akylly pikir beyna dolanyp gelse…Onyança bir çaga pişigiñ myawlayan sesi eşidildi. 12-nji etazyñ üçeginde pişik name işlap yörka? Jeren islese-islemese onun gulaklary ony gapdalyna seretmage mejbur etdi. Görse, göwresi syçan yalyjak çaga pişijek, gözlerem only açylmadyk. Oñly yörabem bilenok. Tumşujagy bilen birzady gözleyar. Megerem ejesini gözleyandir. Özem süyşeneklap, göni Jereniñ ayaklarynyñ yanyna gelyar. Pişijegiñ mymyjak tüyleri ayaklaryna degen Jeren tisgindi. Islese-islemese-de ünsi bölündi.»Piş,piş…»diyip,Jeren ony ayaklary bilen yzyna tarap itekledi. Emma, pişijek birsyhly Jerenin ayaklaryna yapyşyp yatyrdy. Jeren ony eline alyp,üçege çykylyan merdiwan bilen düşüp, podyezdde goydy. Birdenem özünin yalanaç ayaklaryna gözi düşdi. Onuñ birhili akly durlanan yaly boldy. Onuñ özüniñ name işlap yörendigi birhili çalarak yadyna düşdi. 12-nji etaž. Üçegiñ gyrajygynda goluny bulap,öz yanyna çagyryp duran yanyoldaşy göz önüne geldi. Jeren gözlerini yumup, kellesini tutup,podyezdde oturdy. Ençe gün aglamadyk gözlerden yaş düwmeleri payrap gaytdy. Gözlerini açanda yanyoldaşy yene-de ony yokary üçege tarap çagyrdy. Jeren özüniñ onsuz yaşap bilmejegini bilyardi. Şonuñ üçinem ol begenjine yylgyryp, onuñ yzyna düşdi. Merdiwanyñ yokarsyna münüp barşyna yanyoldaşy Myrat ona yokarda ikisiniñ bagtly boljakdyklaryny aydyardy. Şol wagt podyezdde Jerenlerin gapydaş gonşulary Aman aganyn agşam namazy üçin azan okayan sesi yanlandy.Jeren birden Myrada seredip gorkdy. Myradyñ görmegey keşbi birhili gorkunç birzada öwrüldi. Jeren gorkusyna podyezdi yañlandyryp gygyrdy. Goñşular tisginişip hemmesi podyezde çykdylar we Jereniñ elem-tas bolup oturşyna her kimiñ yüregi awady. Jeren bolsa yerinden turup, agşam namazyny okap bolan Aman aganyn yanyna baryp, dyza çöküp aglady we agynyn arasynda ondan özüne namaz öwretmegini hayyş etdi.
Bu wakany yol helakçiliginde aradan çykan Myradyn gelni Jeren başdan geçiripdi. Ony ölümden halas eden zat çaga pişijekmi, Aman aganyn azan aydan sesimi ya-da son Jereniñ 5 wagt namaz

okap, doly öz aklyna gelmegimi garaz şondan son Myrat Jerenin gözüne görünmedi. Jerenem gaydyp janyna kast etmage synanyşmady. Hemme yhlasyny Myratdan yadygar galan yeke ogluna sindirdi. Ol şu wagtlaram şol güni yatlanda, şonda nadip çagasyny taşlap gitjek bolandygyna özi hem gen galyp, yakasyny tutyar. Gözüne görnen pelaketin Myradyñ keşbine girip,tas özüni hem alyp gitmedigi üçin Alla yüzde-müñ şükür edýär we namazyny sypdyrman okayar… Hekaýalar